# Şire şam bolmagy islän ynsan / minikyssa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şire şam bolmagy islän ynsan / minikyssa ŞIRE ŞAM BOLMAGY ISLÄN YNSAN



Bir kişi daga gidip, derelerde sergezdan bolup aylanypdyr. Ahyr gozleýänine gabat gelipdir. Dagyñ içinde algyr şir bilen gabatlaşypdyr. Ol şiriñ göni garşysyna baryp:
– Eý haýwanlaryñ şasy, eý daglaryñ peleñi, meni iýip goýberseñ nähili bolar – diýipdir. Şir agyr başyny has agras silkip:
– Men seni näme üçin iymeli – diýip geñ galyp sowal beripdir.
Adam hemme gussasyny jemläp:
– Meni dostlarym kyn gunümde terk edip gitdiler. – diýipdir. – Şeýle satgyn dostlarymy bar eken ýaşamagyñ manysam ýok diýip hasaplaýaryn.
Şir oña gaty geñ galyp garapdyr. Adam sözüni dowam etdiripdir:
– Onsañ ölenimde bir mert haýwanyñ awy bolup öleýin diýip pikir etdim-de, señ ýanyña gaýtdym, algyr peleñim! Sen meni tar-mar edip, iýip goýbersene!
Adamyñ ýagdaýy aýylganç agyrdy meger. Emma şiriñ aýdan sözi has-da agyr eşidildi:
-Beyle ýasama dostlary bolan adamy iýmek maña gelişmez. Ynsan saña haýpym gelýär!
Sylapberdi Muhamow,
28.11.23. Daşoguz. Hekaýalar